**«TASSYKLAÝARYN»**
**Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň rektory**
**__________P.Baýramdurdyýew**
**«05» maý 2025ý.**

## Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitabyndan ugur alnyp Magtymguly Pyragynyň döredijiligini ýaşlaryň arasynda wagyz etmek boýunça ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Magtymguly Pyragy – ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly akyldar şahyryň şygyrlaryny wideoşekiller arkaly suratlandyrmak boýunça geçiriljek döredijilik bäsleşiginiň

## DÜZGÜNNAMASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda her bir sözi diňe bir halkymyzyň däl-de, umumadamzadyň köňül nagşyna öwrülen Magtymguly Pyragynyň döredijiligini öwrenmekde, dünýä ýüzüne ýaýmakda, ony nepisligi bilen geljekki nesillere ýetirmekde, şahyryň mertebesini belent derejelere götermekde tutumly işler amala aşyrylýar.

Magtymguly Pyragynyň şygryýeti ýaşlarda watansöýüjiligi kemala getirmekde, olara edep öwretmekde, asylly terbiýe bermekde bahasyz hazynadyr. Beýik şahyryň şygyrlary terbiýeçilik işiniň üstünlikli amala aşyrylmagynyň gözbaşydyr. Akyldar şahyryň milli terbiýä ýugrulan şygyrlary, ýaşyna seretmezden, islendik adamy özüne çekýär. Onuň kalbynda halallyga, dogruçyllyga, arassalyga ýol açýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitabynda: «Asyrlar aýlanyp, ýyllar kerwen gurap geçse-de, biz türkmen danasy, dünýä akyldary Magtymguly Pyragydan daşlaşmaýarys. Arassa parasat, dury paýhas, üstünden eýýamlaryň geçendigine garamazdan, lagyl-göwher kimin şöhle saçyp durýar» diýip nygtaýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitaby nesillerimizi watansöýüjilik, halallyk ruhunda terbiýelemekde, watandaşlarymyzy beýik işlere ruhlandyrmakda bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr. Watançy şahyryň gahrymançylyk, il-ýurt, agzybirlik, hakyndaky şygyrlary onuň döredijiliginde iň görnükli orunlaryň birini eýeleýär.

Şu nukdaýnazardan Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitabyndan ugur alnyp Magtymguly Pyragynyň döredijiligini ýaşlaryň arasynda wagyz etmek boýunça ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Magtymguly Pyragy – ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryny wideoşekiller arkaly suratlandyrmak boýunça döredijilik bäsleşigini yglan edýär.

## I.BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitabyndan ugur alnyp Magtymguly Pyragynyň döredijiligini ýaşlaryň arasynda wagyz etmek boýunça ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Magtymguly Pyragy – ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly akyldar şahyryň şygyrlaryny wideoşekiller arkaly suratlandyrmak boýunça döredijilik bäsleşiginiň esasy maksady:

- Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly kitabynda beýan edilýän maglumatlary ýaşlaryň arasynda wagyz etmekden;
- Magtymguly Pyragynyň döredijiligini wasp etmekden;
- Ýaşlarda döredijilik ukyp-başarnygyny we bilim derejesini ýokarlandyrmakdan;
- Talyp ýaşlarda çeper-döredijilik ukyplaryny, aň-düşünjelerini, estetiki duýgularyny ösdürmekden;
- Talyp ýaşlaryň häzirki zaman innowasion tehnologiýalaryny ýerlikli we peýdaly ulanmaklaryna itergi bermekden;
- Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda wasp edilýän wakalary wideoşekiller arkaly açyp görkezmekden ybaratdyr.

## II. BÄSLEŞIGIŇ ŞERTLERI WE GEÇIRILIŞI

1. Bäsleşige ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan islendik talyplar wideoşekilleri hödürläp bilerler. Wideoşekiller Magtymguly Pyragynyň şygyrlary esasynda şekillendirilen bolmaly;
2. Wideo şekilleriň bezeg işlerine aýratyn üns berilmeli;
3. Bäsleşige hödürlenýän wideoşekilleriň dowamlylygy 5 minutdan köp bolmadyk şekilde bolmaly;
4. Wideoşekiller many-mazmuny taýdan, şygyrlarda beýan edilýän wakalar bilen kybapdaş bolmaly;
5. Bäsleşige hödürlenýän wideoşekiller öň teleýaýlymda we internet sahypalarynda ulanylmadyk bolmaly;
6. Bäsleşige hödürlenýän wideoşekilleri 2025-nji ýylyň maý aýynyň 25-ne çenli disk göterijide Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň Ýaş alymlar Geňeşine iberilmeli;
7. Bäsleşigiň eminler topary Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň wekilleri tarapyndan düzüler;

8. Bäsleşige degişli goşmaça soraglary Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň Ýaş alymlar Geňeşine ýüz tutup öwrenip bilersiňiz (Habarlaşmak üçin +99365969287).

## III. BÄSLEŞIGIŇ JEMLENILIŞI

1. Bäsleşigiň netijeleri 2025-nji ýylyň 28-nji maýynda yglan ediler we Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň *ihba.edu.tm* saýtynda ýerleşdiriler;

2. Bäsleşikde iň gowy wideoşekillere degişlilikde I, II, III orunlar beriler we ýeňijilere Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň adyndan Diplomlar gowşurylar.